# Şygryýet melekleri / makalajyklar toplumy – Anna Lemert (Alonso Kehano)

Category: Goşgular,Kitapcy,Şygryýet melekleri
написано kitapcy | 24 января, 2025
Şygryýet melekleri / makalajyklar toplumy – Anna Lemert (Alonso Kehano) ŞYGRYÝET MELEKLERI / MAKALAJYKLAR TOPLUMY – ANNA LEMERT (ALONSO KEHANO)




“Anna Lemert” hem-de “Alonso Kehano” Anna Petrowna Dolgarewanyň tahalluslary. A.Dolgarewa 1988-nji ýylyň 4-nji awgustynda Harkow şäherinde doglupdyr. Ol 2018-nji ýyldan bäri Moskwada ýaşaýar. Şygyr ýazmak we žurnalistika bilen meşgullanýar. Ol ilkinji goşgujyklaryny üç ýaşynda düzmäge

başlapdyr, dokuz ýaşynda bolsa öz goşgularyny ýörite depder tutunyp, şoňa ýazyp ugrapdyr.
Orta bilimi A.Dolgarewa fizika-matematika liseýinde alypdyr. Soňra Harkow uniwersitetiniň Himiýa fakultetini tamamlapdyr. Uniwersitetde okaýan döwründe "Diri Kitapça" (Живой Журнал – ЖЖ) internet platformasynda öz blogyny açypdyr. 2007-nji ýylda ilkinji goşgular ýygyndysyny çykarypdyr. Soňra dürli taryhy ýa-da fentezi wakalary dikeldip, özleri şol hadysalary ýa-da öz ssenariýalary boýunça haýsydyr bir wakalary, mysal üçin "Ýüzügiň hökümdary" kinofilminiň ýa-da gadymy wikingleriň başdan geçirmeleriniň esasyndaky erkin sahnalaşdyrýan oýunbazlyga (rolewoý oýunlara) gyzygyp, oýunbazlaryň birnäçe meýdan taslamalaryna gatnaşypdyr.
2018-nji ýylda Moskwa göçüp gelenden soň A.Dolgarewa "Взгляд. Ру" saýtynda syýasy synçy bolup işleýär, beýleki saýtlar üçin makalalary ýazýar, goşgularyny neşir edýär. 2019-njy ýylda şahyraň Kosmonawtika gününe bagyşlanan "Hudaý Gagarine diýýär…" atly goşgusy internete ýaýraýar. Bu goşgusy üçin 2019-njy ýylda A.Dolgarewa, Grigorýew baýragyna hem-de "45-nji kalibr" atly şygryýet bäsleşiginiň we Bütindünýä şygryýet gününiň birinji baýraklaryna mynasyp bolýar.
Häzirki wagtda A.Dolgarewa Russiýanyň we Donbassyň dürli şäherlerinde öz şygryýet konsertleri bilen yzygiderli çykyş edýär.
A.Dolgarewanyň neşir edilen kitaplary:
1. Garaşmak wagty – 2007;
2. Içki ýanmagyň seneýazgysyndan – 2012;
3. Gabawa alnan onýyllykdan – 2015;
4. Hemişelik gidilýär – 2016;
5. Tokaý we gyzjagaz – 2019;
6. Rus kosmosy – 2019;
7. Şu gün – 2012.

A.Dolgarewaň meşhur şygrynyň howlukmaç terjimesi:

## Hudaý Gagarine diýýär…

Hudaý Gagarine diýýär: Ýura, sen indi bilýäň:
hiç hili çüýremek ýok çüýrük tagamly,
ynsanyň içinde ýok hiç hili sönmek,
diňe meýdançadaky buzgaýmak kakaň elinde,
otuň hem-de gyzgyn nalyň ysy,

gaýyň ysyrgalar, arça pürleri,
diňe şuny biz göterip ýörüs özümizde, Ýura,
görýäňmi, men asmana seçdim gyzyl ýyldyzlary,
Kaliningraddan Amura çenli asmana sepdim,
diňe ýeke-täk şatlyk üçin, Ýura,
sen hemişe-de düşünýädiň-ä, muň neneňsi ýönekeýdigine.
Biz seň bilen, Ýura, şoň üçinem bu ýerde warsaky urýas,
adamyň içinde nämäň gizlenendigi hakda.
Hiç hili syry ýok munuň, hiç hili gizlenen matal,
ine dolanarsyň-a – hemmelere bada-bat şeý diýibem aýt,
ajal däl-de, almalaň reňki ynsan deminde,
onsoňam diý, ynsan – bu asmany ruh, şagalyňky däl-de,
şeý diýibem aýt olara, Ýura, men hakda bolsa gerek däl.
Onsoňam ýene, haçan-da aşak gaçaňda,
gaçmaga gorkma…

*Goşgyň originaly:*

**Бог говорит Гагарину**

Бог говорит Гагарину: Юра, теперь ты в курсе:
нет никакого разложения с гнилостным вкусом,
нет внутри человека угасания никакого,
а только мороженое на площади на руках у папы,
запах травы да горячей железной подковы,
березовые сережки, еловые лапы,
только вот это мы носим в себе, Юра,
видишь, я по небу рассыпал красные звезды,
швырнул на небо от Калининграда и до Амура,
исключительно для радости, Юра,
ты же всегда понимал, как все это просто.
Мы с тобой, Юра, потому-то здесь и болтаем
о том, что спрятано у человека внутри.
Никакого секрета у этого, никаких тайн,
прямо как вернешься – так всем сразу и говори,
что не смерть, а яблонев цвет у человека в дыхании,
что человек – это дух небесный, а не шакалий,
так им и рассказывай, Юра, а про меня не надо.

И еще, когда будешь падать –
не бойся падать.

Soňky ýyllardaky döredijiligine düşünmek üçin A. Dolgarewaň ýene-de bir goşgusynyň el-hal terjimesi:

Ine men, otyryn işde,
Ine iş, gark bolýar süýji melullykda.
Men küýseýän:
-kofe,
-gujaklaşma,
-gyşky deňzi,
-aşhanada, arak astynda oturmagy, syýasat hakda jedelleşip,
-ýene-de gujaklaşmany, sebäbi gyşda,
gujaklaşman diri galmak mümkin däl sowuk öýlerde.
-ýene-de mandarinjyksyz,
-onsoňam şem we tümlük,
-pişigi galyňrak hem ýylyrak bagryňa basmak…
(pişikler – gyşda örän peýdaly ahyry, şeýle dälmi?),
-gülleri. Wajyp däl nähili bolsa-da. Diňe ysly bolsa bolany.
-onsoňam degnama degen hemme adamlary atsaň,
-öýüňe dolansaň we ýaşasaň äpet ýorgançada,
-onsoňam meni juda söýseler. Düýpgöter. Müdimi.
Hemme zat ýönekeý.
Özüme ýene-de kofe alaýyn.
Hawa.

*Goşgyň originaly:*

Вот я сижу на работе,
Вот тонет работа в пушистой сладкой дремоте.
Мне хочется:
– кофе,
– объятий,
– зимнего моря,
– на кухне под водку сидеть, о политике споря,
– еще обниматься, поскольку когда зима,
то без обнимашек не выжить в холодных домах.

– еще мандаринок,
– чтоб свечи и темнота,
– потолще и потеплее обнять кота
(коты – это очень полезно зимой, не так ли?),
– цветов. И неважно каких. Только чтобы пахли.
– чтоб всех расстрелять людей, что меня достали,
– вернуться домой и жить в большом одеяле,
– чтоб очень меня любили. Совсем. Всегда.
Все просто.
Возьму себе еще кофе.
Да.

A.Dolgarewaň döredijiligi hakda Ýuliýa Dubçak şeýle belleýär: “Bu, haçan-da şygyrlaryny okanyňda onuň suratynda görünýän gyzdan üýtgeşik keşbi göz öňüne getirilýän ýagdaý bolup durýar. Annaň şygyrlarynyň gahrymany ak-gara filmlerden çykan, dogumly, ýiti dilli, tejribeli hanym. Lemert hemme sada, düşnükli we ýakyn zatlar: erkinlik, söýgi, ölüm, ýalňyzlyk, gussa hakda ýazýar. Onsoňam, elbetde pişikler barada.”[1].

1. https://miridei.com/idei-dosuga/kakuyu-knigu-pochitat/8_sovremennyh_poetess_kotoryh _vy_chitali_ili_prochitaete/15.10.2021ý.

*Makalaň alnan çeşmesi: https://ru.wikipedia.org›wiki/ Долгарева, Анна Петровна. 15.10.2021ý.* Şygryýet melekleri